# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY**

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**EDEBIÝAT**

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.
2. *Jumalyýewa O.* Žurnalistikanyň esaslary. – A.: TDNG, 2013.
3. *Белл Д.* Грядущее постиндустриальное общество: опыт социального прогнозирования. – M.Academia, 1999.
4. *Амзин А. А.* Интернет-журналистика: Как писать хорошие тексты, привлекать аудиторию и зарабатывать на этом. – М.: АСТ, 2020.

**Sona Halykowa,**
*Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugrunyň magistranty*

# TÜRKMENISTANDA HALKYŇ EKOLOGIÝA DÜŞÜNJELILIGINI ÝOKARLANDYRMAKDA HÄZIRKI ZAMAN MAGLUMAT-ARAGATNAŞYK SERIŞDELERINIŇ ÄHMIÝETI

Ekologiýa düşünjesiniň taryhyna ser salsak, ol gatybir uzak wagty öz içine almasa-da, taryhyň ähli döwürlerinde hem adamzady gyzyklandyryp gelipdir. Ilatyň ekologiýanyň ýagdaýy bilen habardarlygy taryhy döwürde biraz kynçylyk döredendigine garamazdan, häzirki wagtda XXI asyrda täze tehnologiýalaryň asyrynda has-da ýeňilleşdi. Ata-babalarymyz tebigy hadysalara ýyllaryň dowamynda gözegçilik edip, şoňa görä özleriniň möwsümleýin işlerini sazlapdyrlar. Tebigy hadysalar baradaky maglumatlary biz ýaşuly nesliň wekillerinden eşidip bilýäris. Häzirki wagtda ýurdumyzda ekologiýa bilen baglanyşykly maglumatlary sanlylaşdyrmakda uly işler amala aşyrylýar. Bu bolsa ähli ýaşdaky adamlaryň hem bu maglumatlara bolan elýeterliligini üpjün etmekde ähmiýetlidir.

Beýleki maglumatlar bilen bir hatarda hormatly Prezidentimiziň saýasynda ekologiýa we daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly maglumatlary sanly ulgama geçirmekde hem uly işler alnyp barylýar. Sanly görnüşde halkymyza ýetirilýän köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň içinden ekologiýa maglumatlary eriş-argaç bolup geçýär. Ýurdumyzyň bu ugurda goşulýan konwensiýalary, kabul edýän kararlary BMG-niň resmi dillerinde çap edilip, okyjylar köpçüligine wagtynda ýetirilýär [1].

Ýaşyl diplomatiýanyň hemmetaraplaýyn ilerledilmegi ulgamynda BMG we beýleki abraýly guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmek meseleleriniň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny bellemek zerurdyr. Bu günki günde Türkmenistan BMG-niň Ösüş Maksatnamasy we Daşky gurşaw maksatnamasy, Bütindünýä ekologiýa

gaznasy, Araly halas etmegiň halkara gaznasy, Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkezi we beýleki köpsanly halkara hem-de sebit düzümleri bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň ekologiýa diplomatiýasy ulgamyndaky döwlet syýasaty adam saglygynyň we ýaşaýşynyň ähmiýetliliginiň üpjün edilmegine, daşky gurşawyň goralyp saklanylmagyna hem-de dikeldilmegine, jemgyýetiň ekologiki, ykdysady we durmuş gyzyklanmalarynyň durnukly ösüşiň saklanylmagy bilen utgaşdyrylmagyna hem-de ählitaraplaýyn ýaşaýşa ukyplylyk oňyn gurşawyň döredilmegine gönükdirilendir.

Türkmenistan gatnaşyjylaryň has ähmiýetli düzümini talap edýän ekologiýa meseleleriniň derwaýyslygynyň doly nazarda tutulmagynda, BMG-niň bu ugurdaky onlarça konwensiýalaryna goşulmak arkaly, durnukly ösüş babatynda dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde duran möhüm meseleleriň çözgüdine jogapkärçilikli çemeleşýändir. Ýurt şeýle-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň, ýokary derejeli maslahatlaryň barşynda durnukly ösüş, suw-energetika serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy we azyk howpsuzlygynyň üpjün edilmegi, tebigy heläkçilikleriň töwekgelçilikleriniň azaldylmagy babatynda ähmiýetli teklipleriň ençemesini öňe sürdi. Bu ugurda Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligini Aral deňziniň ekologiki heläkçiligine düýpli üns bermäge çagyrýandygyny bellemek wajypdyr. Aral deňziniň guramagy netijesinde ekologiki betbagtçylyk zolagynda döreýän howa jisimleri, Aralýaka sebitiniň we ondan has uzakda ýerleşen ýerleriň tebigatyna, howasyna hem-de bu zolaklarda ýaşaýan adamlaryň ýaşaýşa ukyplylygyna düýpli ýaramaz täsirini ýetirýändir.

Biziň ýurdumyz dünýä ähmiýetli ekologiýa meseleleriniň çözülmeginde halkara hyzmatdaşlygyň ornuny aýratyn nygtaýar. Türkmenistan BMG-niň Ösüş Maksatnamasy, Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy ýaly halkara düzümler bilen birlikde, tebigaty goramak ugrunda hem ekologiýa maksatnamalaryny we iri taslamalary durmuşa geçirýär hem-de BMG-niň tebigaty goramak baradaky konwensiýalarynyň birnäçesine goşuldy, ençemesini tassyklady. Olardan Biologik köpdürlülik hakyndaky, Çölleşmäge garşy göreşmek hakyndaky konwensiýalary, Ozon gatlagyny goramak hakynda Wena Konwensiýasyny we Ozony dargadýan maddalar baradaky Monreal Protokoly, Klimatyň üýtgemegi barada Çarçuwaly Konwensiýany we beýlekileri görkezmek bolar. Merkezi Aziýanyň durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak boýunça Çarçuwaly Konwensiýa aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň özi Türkmenistanda wajyp meseleleriň çözülmegine goşant boljak

tejribäniň toplanandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Daşky gurşawy goramak boýunça ençeme halkara taslamalar ýerine ýetirilýär [3, 45 s.].

Ekologiýa maglumaty hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynda:

Ekologiýa maglumaty şu maglumatlary öz içine alýar:

1) daşky gurşawyň ýagdaýy, şol sanda ýerleriň, topraklaryň, ýerasty baýlyklaryň, ýerüsti we ýerasty suwlaryň, tokaýlaryň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň hem-de onuň biologik dürlüliginiň, ekologiýa ulgamlaryň, tebigy landşaftlaryň we aýratyn goralýan tebigy ýerleriň, atmosfera howasynyň, klimatyň we Ýeriň ozon gatlagynyň, beýleki tebigy obýektleriň ýagdaýy barada, şeýle hem şol obýektleriň özara baglanyşygy, gen-inžener organizmler we mikroorganizmler barada maglumatlary;

2) daşky gurşawa gelip düşmegi onuň düzüm birliklerine täsir edýän ýa-da täsir edip biljek hapalaýjy maddalar, howply himiki we biologik maddalar, radioaktiw materiallar, galyndylar barada, şeýle hem daşky gurşawa kada görkezijileriniň ýol berilýän aňrybaş derejesinden ýokary sesleriň, titremäniň, magnit meýdanlarynyň, infragyzyl şöhlelenmäniň we beýleki zyýanly fiziki täsirleriň täsir etmegi barada maglumatlary;

3) şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen daşky gurşawyň düzüm birlikleriniň ýagdaýyna täsir edýän ýa-da täsir edip biljek döwlet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çäreleri, ýuridik ýa-da fiziki şahslaryň hojalyk we beýleki işi, harajatlaryň we netijeleriň seljerilişi, şeýle hem daşky gurşawa degişli meseleler boýunça çözgütler kabul edilende ulanylýan beýleki ykdysady seljerişler we çaklamalar barada maglumatlary;

4) durmuşa geçirilmegi daşky gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän ýa-da täsir edip biljek tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalar, konsepsiýalar, strategiýalar, maksatnamalar we meýilnamalar barada maglumatlary;

5) raýatlaryň saglyk ýagdaýyna, olaryň ýaşaýyş şertlerine we howpsuzlygyna daşky gurşawyň täsir edýän ýa-da täsir edip biljek derejesi barada maglumatlary;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen daşky gurşawyň ýagdaýy barada beýleki maglumatlary [2].

10-njy maddada bolsa ekologiýa maglumatyna elýeterlilik hukugyny üpjün etmegiň kepillikleri doly görkezilýär:

1. Ekologiýa maglumatyny peýdalanyjylaryň ekologiýa maglumatyna eýelik edijilere şu Kanunda bellenilen tertipde we şertlerde ekologiýa maglumatyny almak üçin päsgelçiliksiz ýüz tutmaga hukugy bardyr.

2. Ekologiýa maglumatynyň berilmegi bir gezeklik ýüztutmalar, haýyşnamalar ýa-da şertnama baglaşmak esasynda amala aşyrylyp bilner.

3. Ekologiýa maglumatyny almak we peýdalanmak maksady bilen, ekologiýa maglumatyna eýelik edijilere ekologiýa maglumatyny peýdalanyjylar ýüz tutan mahalynda (mundan beýläk – ýüz tutýan şahslar), olara ekologiýa maglumatyny gözlemek, degişli resminamalar bilen tanyşmak, olaryň nusgasyny almak, ýazmaça ýüztutmalaryna we haýyşnamalaryna resmi jogaplary almak üçin beýleki çäreleri amala aşyrmaklyga gerek bolan ähli şertleri döretmäge ekologiýa maglumatyna eýelik edijiler borçludyrlar.

4. Ekologiýa maglumatyna eýelik edijiler ekologiýa maglumatynyň ýygnanylmagyny, hasaba alynmagyny, saklanylmagyny, täzelenilmegini, berilmegini we ýaýradylmagyny amala aşyrýarlar.

5. Ekologiýa maglumatyna eýelik edijiniň ýolbaşçysy ekologiýa maglumaty bilen bagly işler boýunça jogapkär adamy belleýär.

6. Ekologiýa maglumatyna eýelik edijileriň şu Kanunyň 11-nji maddasynda göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda ekologiýa maglumatynyň berilmeginden ýüz döndermeklige hukugy ýokdur.

7. Ekologiýa maglumatyna eýelik edijiler tarapyndan ýöriteleşdirilen ekologiýa maglumatynyň berilmegi ýüz tutýan şahslar bilen baglaşylýan şertnama esasynda amala aşyrylýar.

8. Ekologiýa maglumatyna eýelik edijiler tarapyndan ýüz tutýan şahslara elýeterlilik hukugynyň üpjün edilmezligi, şeýle hem ekologiýa maglumatynyň berilmezligi ýa-da görnetin nädogry ekologiýa maglumatynyň berilmegi barada ýüz tutýan şahslar tarapyndan ýokarda durýan döwlet edaralaryna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner [4].

## EDEBIÝAT


1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2022.

2. Ekologiýa maglumaty hakynda Türkmenistanyň Kanuny. 2023.

3. *Genjiýew R., Asadowa H., Jumaýew N., Sopyýew Ö., Durdyýew S., Aşyrmuradowa Ş.* Ekologiýa we daşky gurşawy goramak. – A.: TDNG, 2010.

4. www.ekologiyamedeniýet. gov.tm.